***Häzirki ajaýyp döwrümizde beýik işler durmuşa geçirilýär, ýurdumyzyň ösüşi ähli ildeşlerimizi buýsandyrýar. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary netijesinde belent özgertmeler üstünlikli amala aşyrylýar. Gülläp ösýän Watanymyzda halal hem döredijilikli zähmet çekip, bagtyýar durmuşa buýsanýan türkmen halky ähli ugurlar boýunça uly zähmet üstünliklerini gazanýar. Häzirki wagtda ýurdumyzyň ähli ugurlaryndaky ösüşler, halkara derejesindäki özgertmeler hormatly Prezidentimiziň il-ýurt bähbitli döwletli işleriniň netijesinde amala aşyrylýar.***

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe bedenterbiýäni we sporty ösdürmäge aýratyn üns berilýär. Hemmämiziň bilşimiz ýaly, sport oýunlary görnüşleri boýunça birnäçe topara bölünýär. Şeýle hem sportuň görnüşleri pasyllara görä tapawutlandyrylýar. Sportuň esasy görnüşleriniň biri-de gyşky sport oýunlarydyr. Şu wagta çenli ýurdumyzda sportuň gyşky görnüşlerini ösdürmek boýunça köp işler edilýär. Muňa biz ýurdumyzda geçirilýän sport çäreleriniň, ýaryşlaryň, ýaşlaryň arasyndaky bäsleşikleriň mysalynda hem aýdyň göz ýetirýäris. Gyşky oýunlar hökmünde hokkeýi we beýleki ugurlary görkezmek bolar. Şeýle hem sportuň dürli görnüşleri boýunça ýaş türgenleriň üstünlikleri gazanýandyklaryny aýratyn belläp bolar.

Mälim bolşy ýaly, hormatly Prezidentimiz halkara sport ýaryşlarynda we ders bäsleşiklerinde baýrakly orunlara mynasyp bolan ýaşlara hem-de olaryň halypa mugallymlaryna, tälimçilerine ýakynda sylaglary gowşurdy. Ynha, bu şanly wakanyň özi hem türkmen sportunyň ösdürilýändigini, kämil türgenleriň kemala gelýändiginiň subutnamasydyr.

**Pirmämmet GYLYÇMÄMMEDOW,**
**Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň institutynyň Bedenterbiýe kafedrasynyň müdiri.**

Все права защищены
save pdf date >>> 10.01.2026